# BIOLOGIK DÜRLÜLIK HAKYNDA KONWENSIÝA

Biologik dürlülik – ýer ýüzünde (ýerde, suwda, howada) ýaşaýan ähli janly organizmleriň – ösümlikleriň, haýwanlaryň, mikroorganizmleriň jemi, bu düşünje bir görnüşiň çägindäki, dürli görnüşleriň arasyndaky we ekoulgam derejesindäki dürlüligi özünde jemleýär.

## TARYHY:

Ýaşaýşyň esasy çeşmeleriniň biri hökmünde seredilýän biologik dürlüligiň, esasan hem ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşleriniň sanynyň azalmagyna we olaryň ençemesiniň doly ýitip gitmek howpuna alymlar XIX asyrda, esasan hem XX asyryň ikinji ýarymynda has düýpli üns berip başladylar. Netijede halkara derejesinde 21-nji asyryň gün tertibinde bellenen ýörelgeleri durmuşa geçirmekde we durnukly ösüşi amala aşyrmakda esasy serişde hökmünde Biologik dürlülik hakynda konwensiýa işlenip taýýarlandy.

1992-njiýylyň 5-nji iýunynda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde ýokary derejede geçirilen durnukly ösüş boýunça Bütindünýä Sammitinde 145 döwletiň ýolbaşçylarynyň gol çekmeginde Biologik dürlülik hakynda konwensiýa kabul edildi. 1993-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Konwensiýa güýje girdi. Häzirki wagtda 193 ýurt bu Konwensiýanyň tarapydyr.

Türkmenistanyň Mejlisi 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda Biologik dürlülik hakynda konwensiýany tassyklady.

**ESASY MAKSADY:**

- Biologik dürlüligi genetiki, görnüş we ekoulgam derejesinde gorap saklamak;
- Ýurtlar tarapyndan biodürlüligiň ähli düzüm bölekleriniň durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek;
- Genetiki baýlyklaryň elýeterliligini we degişli tehnologiýalaryň alyşylmagyny üpjün etmek hem-de ýeterlik derejede maliýeleşdirmek arkaly genetiki baýlyklary peýdalanmakdan gelýän peýdany bilelikde adalatly we deň derejede paýlaşmak.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Biologik dürlülik hakynda Konwensiýa ýuridiki borçlandyryjy häsiýete eýe bolup, ony tassyklan Taraplar aşakdakylara borçlanýarlar:

- Biologik dürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanamak boýunça zerur çäreleri amala aşyrmak;
- Daşky gurşawy goramak we ösüş babatda döwlet maksatnamalarynyň düzüm bölegi bolan biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýalary, meýilnamalary we maksatnamalary işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;
- Konwensiýanyň düzgünlerini amala aşyrmakda öz üstlerine alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlary öz wagtynda Konwensiýanyň sekretarityna bermek.